# Agam (Nowella)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 10 августа, 2025



**Köp meşgullansaň, tiz kämilleşersiň…**

*Höwes edýän ýa-da saýlap alan ugruňda kämilleşmegiň esasy talaby – şol işe has köp meşgullanmak. Ýeterlik tejribe toplamagyň, kämilligiň şundan başga syry ýok. Amerikaly psiholog-ýazyjy Toni Robbinsiň aýdyşy ýaly: «Köp meşgullansaň, tiz kämilleşersiň».*

Bu sözleri edebi-çeper terjimeçilige höwes edýän ýaşlarymyz

üçin ýaňzytmak isledik.

Edebi terjimeçilik gyzykly, täsin we öňüňizde täze bir giňişligi açýan bir dünýä. Bu ýerlere gelmedik, görmedik, içine girmedik ynsanlar, onuň täsirliligini duýmazlygy-da mümkin, ýöne Gündogar ýurtlarynda «Dadyp görüň, belki, halarsyňyz» («Dadyp görüň, işdäňiz açylar») diýen nakyly ýagşy işlere höweslendirmek üçin juda köp ulanýarlar. Žurnalymyzyň şu sanynda bu sungatdaky ukyp-başarnyklaryny açmaga synanyşýan, terjimeçiligiň täsin tagamlaryny duýup başlan talyp ýaşlarymyzyň birnäçesiniň ilkinji synanyşyklaryny okyjylarymyza hödürlemegi makul bildik. Ýaňy ýola düşen ýaşlardan aňrybaş kämil terjime eserlerine garaşmagam ýerlikli bolmazdy, munuň üçin dowamly iş tejribesiniň gerekdigi düşnükli zat. Muňa garamazdan, ýaşlaryň eser saýlamakda, çeper terjime etmekde belli bir derejedäki kämillige ymtylýandyklaryny, ýetendiklerini welin, buýsanç bilen ýatlap bileris. Olaryň has kämilleşmegi üçin bu ugurda has köp meşgullanmagy gerek. Öz ugrunyň hak ussatlary, halypalary hem kämillige diňe şeýle ýol bilen ýetdiler. Ýaşlarymyza döredijiligiň täsin dünýäsindäki ädimleriniň hemişe rowaç bolmagyny hem-de üstünlikleri arzuwlap, ýaş zehinleriň terjimeçilik ukyplaryna baha bermek paýyny okyjylarymyza goýýarys. Okap görüň, belki, halarsyňyz. Siziň ýaşlarymyza berjek mynasyp bahalaryňyz hem-de döredijilik maslahatlaryňyz olaryň kämilleşmegine aýratyn uly goltgy bolar.

Saç-sakgal basan üflis goja bizden sadaka soranda, dostum Žozef Dawranş oňa bäş frank uzatdy. Men muňa gaty geň galdym. Ol meniň bu ýagdaýa geňirgenenimi bildi-de:

– Bu gedaý maňa hiç ýadymdan çykmajak bir wakany ýatlatdy. Ynha, diňle, ony saňa aýdyp bereýin – diýip gürrüňe başlady. – Maşgalamyzyň asly Awrdan bolup, o diýen baý däldi. Biz zordan güzeranymyzy aýlaýardyk. Kakam işleýärdi. Ýarygije öýe gelýärdi, onda-da sähel pul gazanýardy. Şeýle hem iki sany aýal doganym bardy.

Pulsuzlyk, garyplyk, tygşytly ýaşamaklyk ejemi halys tapdan düşüripdi. Kakam onuň şerebeli sözlerini, irginsiz igençlerini häli-şindi diňlemeli bolýardy. Şeýle ýagdaýda kakam görgüli maňlaýynda der bolmasa-da, eli bilen süpüren bolýardy. Hiç hili jogap berip bilmän dymýardy. Onuň bu bolşuna ýüregim gyýym-gyýym bolýardy. Men onuň nähili ejir çekýändigini duýýardym. Maşgalamyzda ähli zatlary tygşytly ulanýardyk. Agşamlyk naharyna myhmançylyga çagyrsalar, hiç haçan gitmezdik. Sebäbi soňundan bizem myhman çagyrmaly bolardyk. Dükanlardan diňe galan-gaçan ýa-da arzanladyşdaky önümleri satyn alýardyk. Aýal doganlarym öz köýneklerini özleri tikýärdi. Bir metri on bäş saňtimden ***( Sentimes (fr.d.) – saňtim – pul birligi.)*** bolan jähegiň bahasy babatda uzak-uzak gürrüň ederdiler. Biz her gün şol bir naharlary – ýagly çorba ýa-da gaýnadylan sygyr eti bilen dürli-dümen zatlar atylan goýultmak iýýärdik. Muňa her näçe peýdaly, saglykly diýselerem, men başga naharlar iýmegi halaýardym.

Her ýitiren iligim, balagymyň ýyrtyklary sebäpli, ba-aý, käýinç eşiderdim-ä, hatda agyr temmilerem alardym.

Emma her dynç güni baýramçylyk lybasymyzy geýip, gezelenje gitmegi welin unudamzokdyk. Kakam egnine sýurtugyny, ***( Redingote (fr.d.) – sýurtuk – uzyn syýly, iki ýanyna iliklenýän erkek geýimi. )*** eline elligini we başyna dik başgabyny geýip, baýramçylyk gämisi ýaly bezenen ejem bilen gol tutuşyp ýörärdi. Iki aýal doganym bolsa hemmeden öňürti taýyn bolup, barymyz ýygnanyşýançak garaşýardylar. Emma her gezek gapydan çykjak bolup durkak, kakam sýurtugyndakyozaldan göze ilmedik tegmili görerdi, ony ýangyja batyrylan esgi bilen süpürip aýyrmaly bolýardyk. Ejem elliklerini hapalamazlyk üçin çykarardy-da, tegmil galmasyn diýip, äýnegini dakynyp işe girişerdi. Kakam bolsa başyndaky dik başgabyny çykarman, ýekeje ýeňsiz gursakçada bu işiň gutarmasyna garaşardy.

Soňra dabaraly ýagdaýda ýola düşýärdik. Aýal doganlarym el tutuşyp öňden ýörärdiler. Ýetişen gyzlar bolansoňlar, ejem bilen kakam olary bütin şähere görkezmek isleýärdiler. Kakam

ejemiň sag tarapynda, men bolsa çep tarapynda ýöreýärdim. Garyp enem-atamyň her dynç günlerinde geçirýän gezelençlerindäki şatlykly ýagdaýlary, tutanýerlilik bilen gadam basyşlary, salyhatly ýöreýişleri ýadymdan çykanok. Hamala, juda möhüm bir işiň çözülmesi olaryň

ýöreýşine bagly deýin, her ädimlerini tutanýerlilik bilen ädip, göwrelerini dik tutup, aýaklaryny eplänokdylar.

Her gezekki gezelençde kakam näbelli, uzak ülkelerden gelýän gämileri görüp, şol bir sözlerini gaýtalardy:

– Wah, käşgä Žül hem şol gämileriň birinde bolanlygynda, nähili gowy bolardy!

Kakamyň erkek dogany Žül agam maşgalamyzyň keç ykbalynyň, lapykeçliginiň sebäpkäri bolsa-da, indi ol ýeke-täk umydymyzdy. Men çagalygymdan ol baradaky gürrüňleri eşidip ýöremsoň, ony ilki gören badyma tanaýjak ýaly duýýardym. Ol baradaky pikirlerim bilen mäkäm dostlaşypdym. Öýde pyşyrdap gürleşilýändigine garamazdan, agamyň Amerika gitmezinden ozalky durmuşy hakynda jikme-jik bilýärdim.

Düşünişime görä, ol azgyn durmuşda ýaşapdyr, ýagny garyp maşgalalar üçin iň agyr jenaýat hasaplanýan ummasyz kän puly dereksiz harçlapdyr. Baý, gurply adamlar bolsa bu ýagdaýy «bezzatlyk etmek» hökmünde kabul edýärler. Oňa ýylgyryp, «jalaý» diýip goýýarlar. Gurpsuz adamlar üçin bolsa, ene-atasynyň puluny şeýle oýlanyşyksyz sowýan oglan azgyn, deýýus hasaplanýardy.

Garaz, agam ene-atasyndan galan mirasyň özüne degişli böleginiň soňuna sogan ekmek bilen çäklenmän, kakamyň paýynyň hem eslije bölegini ýele sowrupdyr.

Ol şol wagtda gelnen karar esasynda, Awrdan Nýu-Ýorka barýan gämi bilen Amerika ugradylýar.

Žül agam bize ýazan ilkinji hatynda Amerikada nähilidir bir

söwda bilen meşgullanyp, az-owlak pul gazanýandygyny hem-de ýetiren ýitgisiniň tiz wagtda öwezini doljakdygyny habar beripdi. Bu hat maşgalamyzda uly täsir galdyrdy. Ozal gara şaýa degmeýän Žül, indi edil beýleki Dawranşlar ýaly akýürekli, hoşgylaw, hakyky Dawranş diýip kabul edildi.

Esli wagtdan soň bir gäminiň gämibaşysy bize agamyň uly dükan açandygyny, iri söwda bilen meşgullanýandygyny aýtdy.

Iki ýyldan soň gelen hatda bolsa: «Gadyrdan Filippim, men saňa hal-ýagdaýymyň gowudygyny habar bermek üçin ýazýaryn. Jan-saglygymam, işlerimem gowy, alada etmegin. Ertir men Günorta Amerika uzak wagtlyk syýahata ugraýaryn. Birnäçe ýyllap menden habar alyp bilmersiň, hat ýazmasam howsala düşmegin! Men Awra baýap dolanaryn. Bu kän wagtymyzy almaz hem-de ikimizem bagtly durmuşda ýaşarys diýip umyt edýärin… » diýip ýazylandy.

Bu hat maşgalamyzyň mukaddes tumaryna öwrülen ýalydy. Ony hemme kişä okap berýärdiler.

Hakykatdan-da, on ýyllap Žül agamdan hiç hili habar-hatyr bolmady. Emma kakamyň umydy ýyl geçdigiçe hasam berkeýärdi, hatda ejemem:

— Biziň gadyrdan Žülümiz dolananda, bu ýagdaýlar üýtgär! Ana, şol öz zähmeti, yhlasy bilen derejä ýeten, kynçylykdan baş alyp çykmagy başaran adam — diýerdi.

Kakam her dynç güni ala-burugsa boglup, uzaklardan gelýän mähnet gämileri görende, hemişeki sözlerini gaýtalardy:

— Wah, Žül şu gämileriň birinde bolan bolsady, nähili gowy bolardy!

Bir ýerden elýaglygyny bulap: «Heý, Filipp!» diýip, geläýjek ýalydy.

Agamyň dolanjakdygyna gaty ynanýardyk. Şonuň üçinem ol entek gelmänkä, onuň getirjek puluna Enguwil obasyndan jaýjagaz almak ýaly, bir giden zady meýilleşdirip goýupdyk. Hatda kakam

bu meseläni çynyrgadyp, birnäçe öý eýeleri bilen gepleşip goýandygy, şertleri, bahalary bilen gyzyklanandygy şübhesizdi.

Aýal doganlarymyň ulusy ýigrimi sekiz, kiçisi bolsa ýigrimi alty ýaşyndady. Olaryň ikisem entek durmuşa çykmadykdy. Bu ýagdaý maşgalamyza juda ýokuş degýärdi.

Ahyrsoňy kiçi doganym üçin baý-a däl, emma işlije, edepli ýigit tapyldy. Ýöne men-ä ol ýigidem Žül agamdan gelen haty okandan soň, öýlensemem bolýar diýen aýgyda geldimikä diýýän.

Onuň teklibi dessine oňlanyldy we toýdan soň bütin maşgala bolup, Jersi adasyna gezelenje gitmek barada belli netijä gelindi.

Jersi adasyna syýahat etmek garyp adamlaryň iň uly arzuwydy. Ol o diýen daş däl. Ýolagçy gämi bilen deňizden geçensoň, sen eýýäm

Angliýada ýerleşýän Jersi adasyna barýarsyň. Iki sagatlyk bu deňiz syýahaty her bir fransuza goňşy ýurda baryp görmäge, britan baýdagy parlaýan bu adanyň däp-dessurlary bilen, şeýle-de hakyky iňlis dilinde gürleýän halky bilen tanyşmaga mümkinçilik döredýärdi.

Jersi adasyna syýahat etmek pikiri kellämizi iýip gelýärdi. Ol biziň akylymyzdan ýekeje minut hem çykmajak arzuwymyza, maksadymyza öwrüldi.

Ahyrsoňy ýola düşdük. Granwil kenarynda ala-burugsy bolup duran gämi-de, biziň ýol goşlarymyzyň ýüklenişine seredip duran kakamam, durmuşa çykmadyk aýal doganymyň elinden tutup gelşine aladaly görünýän ejemem, toýdan soň edil höwürtgede ýeke galan jüýje ýaly özüni alyp barýan uly aýal doganymam, ýaş juwanlaryň yza galýandygy sebäpli häli-şindi yzyma garanjaklap gelşimem, edil düýnki gün ýaly ýadymda.

Gämi zoguny çaldy. Biz paluba çykdyk, gämi ýuwaşjadan kenardan aýrylyp, tekiz, gök mermer stola çalym edýän deňze çykdy. Kem-

kemden kenardan daşlaşýandygymyzy gördük hem-de setanda-seýranda syýahata gidýänleriň ählisinde bolşy ýaly, biz hem özümizi juda bagtly duýýardyk, bu mümkinçiligiň döränine begenýärdik.

Kakam şu gün irdenjik ähli tegmilleri ýangyçly esgi bilen aýrylan, maňa her dynç günki gezelenji ýatladýan baýramçylyk sýurtugyndan garnyny gäberdip, göwresini dik tutup durdy.

Birdenkä onuň iki sany geýnüwli zenana ustrisa hödürleýän iki erkek adama gözi düşdi. Ýyrtyk-ýirik eşikli garry deňizçi pyçak bilen balykgulaklary açyp, iki erkek kişä uzadýardy. Olar bolsa gülümsiräp, ýaranjaklap zenanlara hödür edýärdiler. Zenanlar salyhatlylyk bilen balykgulagy elýaglygyň üstünde saklap, köýneklerini hapalamazlyk üçin öňe eglip iýýärdiler. Olar bir ýuwdumda içini sorup, balykgulagy deňze taşlaýardylar.

Açyk howada, gämide ustrisa iýmek kakamyň göwnüne ýaran bolmaga çemeli, ol muny edepliligiň aňrybaşy we ýokary gatlagyň adamlaryna mahsus hereket saýyp:

– Size ustrisa alyp bereýinmi? – diýip, ejeme we aýal doganlaryma ýüzlendi.

Ejem biderek çykdajy etmek islemeýändigi üçin ýaýdandy, aýal doganlarym bolsa bu teklibi dessine kabul etdiler. Ejem ýüzjagazyny üýtgedip:

– Men aşgazanymy agyrdaryn öýdüp gorkýan. Çagalara alyp beräý, ýöne häzirjek bol, kän iýdirip, aşa düşüräýmegin – diýdi. Soňam maňa tarap öwrülip:

– Žozefe hökman däl, oglan çagalary läliksiretseň bolmaz – diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Men bu tapawutlandyrmany adalatsyz hasaplasam-da, ejemiň ýanynda galmaly boldum. Emma iki aýal doganym bilen giýewimizi garry deňizçiniň ýanyna alyp barýan kakamdan gözümi ýekeje

minut hem aýyrmadym.

Hälki bezemen aýallar garry deňizçiň ýanyndan ýaňyja gidipdi. Kakam aýal doganlaryma ustrisanyň suwuny dökmän nädip iýip bolýandygyny düşündirýärdi. Hatda ol eline bir ustrisa aldy-da, ýaňky giden iki aýala öýkünip, iýip görkezjek boldy, emma üst-başyny görmez etdi. Ejem bärden seredip durşuna: «Ýeriňde oturan bolsaň, gowy bolardy» diýip hüňürdedi.

Ýöne birdenkä kakamyň ýüzi üýtgäp gitdi, birhili, howsalaly göründi. Duran ýerinden ep-esli yza çekildi. Garry deňizçiniň daşyna üýşüp duran gyzlaryna, giýewisine üns bilen seretdi, soňam bize tarap öwrüldi. Onuň ýüzünde gan-pet ýokdy. Ol iter-saňsar bolup gelşine:

– Bu ustrisa satýan garry deňizçi, göwnüme bolmasa, Žüle meňzeýär. Örän geň! – diýip, ejemiň alkymyna gelip pyşyrdady.

– Haýsy Žüle? – diýip, ejem geň galyp sorady.

– Meniň erkek doganym… Onuň Amerikada gül ýaly durmuşda ýaşap ýörendigini bilmeýän bolsam, o garra Žül diýip arkaýyn aýdyp bilerdim – diýip, kakam sözüni dowam etdi.

Ejem daş-töweregine howsalaly garanjaklap:

– Sen dälirediňmi? Ol garry deňizçiniň Žül däldigini bilýäň ahyryn. Näme beýle bolgusyz zatlar samraýaň? – diýip hüňürdedi.

– Git-de, öz gözleriň bilenem gör, Klaris, men seniň anygyna ýetmegiňi isleýän.

Ejem ýerinden turdy-da, gyzlarynyň ýanyna bardy. Menem gojadan gözümi aýyrman seredip durdum. Garry, kirli, ýüzi ýygyrtdan doly deňizçi bütinleý öz işi bilen gümrady.

Ejem biziň ýanymyza dolanyp geldi. Ol ala- saňňyldy bolup durşuna:

– Meniň pikirimçe-hä, bu şol. Ýöne sen git-de, gämibaşydan sorap gör. Emma gaty seresap bolgun, ýogsam bu bikär, iş ýakmaz ýene-de biziň egnimize müner oturar.

Kakam gämibaşynyň ýanyna ugrady, menem onuň yzy bilen gitdim. Meni üýtgeşik bir tolgunma gurşap aldy.

Berdaşly, agajet, sakgaly döşüni ýapyp duran gämibaşy sekijigiň üstünde gezmeläp ýördi. Hamana, ol Hindistana barýan gämini dolandyrýan ýaly, hondanbärsidi.

Kakam hoşamaýlyk bilen baş egip, oňa taryplaýjy sözleri aýtdy-da, onuň öz ugrundan käbir soraglar bilen söze başlady:

– Jersiniň meşhurlygy nämede? Onuň haýsy önümçilik pudaklary ösen? Onuň ilaty nähili? Halkynyň däp-dessurlary nähili? Ol ýeriň tebigaty nähili? diýen ýalyrak soraglary yzly-yzyna sorady.

Gürrüň edil Amerikanyň Birleşen Ştatlary hakynda edilýän ýalydy.

Soňra bizi alyp barýan «Ekspres» gämi hakynda, soňra bolsa onuň topary barada gürleşdiler. Ahyrsoňy kakam sesini sandyradyp:

– Hol ustrisa satýan garry meniň ünsümi çekdi. Siz ol barada näme bilýärsiňiz? – diýdi.

Soraglar gämibaşynyň ýüregine düşüp başlansoň, ol sowuk-sala jogap berdi.

– Bu garry sergezdan fransuz. Oňa geçen ýyl Amerikada sataşdym-da, öz ýurduna getirdim. Onuň Awrda ýaşaýan garyndaşlaram bar ýaly, emma olara eslije bergisi bolansoň baryp bilenok öýdýän. Onuň ady Žül… Žül Damranşmy ýa-da Dawranşmy, garaz, bir zat. Ol birwagtlar Amerikada baý bolanmyş öz-ä, emma indi nähili ýagdaýa düşendigini görýäris.

Kakamyň ýüzi üç ýuwlan esgä döndi, damagy dolup, gözlerini

elek-çelek etdi. Ol gyryljyk ses bilen:

– Bäh… Bäh… Örän gowy… Ajaýyp… Bu meni hiç hili geň galdyrmady, durmuşda her zat bolup bilýär… Köp sag boluň, gämibaşy.

Kakam kellesini ýerden galdyrman, alasarmyk ýagdaýda ýöräp gaýtdy, gämibaşy bolsa aňk-taňk bolup, onuň yzyndan seredip galdy.

Kakam ejemiň ýanyna şeýlebir tukat, lapykeç bolup geldi welin, ejem oňa:

– Oturaly, ýogsam biri göräýmesin – diýdi.

Kakam zordan özüni oturgyja goýberdi-de:

– Bu ol… Men diýdim-ä, bu ol – diýip, üzlem-saplam mydyrdady. Esli dymyşlykdan soň:

– Indi näme edeli? – diýip, ejeme naýynjar seretdi.

Ejem derrew özüni ele alyp:

– Ilki bilen, ol ýerden çagalary alyp gaýtmaly. Žozef hemme zatdan habarlydygy üçin doganlarynyň yzyndan gitsin. Giýewimiz bir hiç zat aňmawersin.

Kakam başyny ýaýkap, ahmyr bilen:

– Nähili betbagtlyk! – diýip pyşyrdady.

Gaharyna bäs gelip bilmän oturan ejem:

– Men öňdenem bu mugthoryň hiç zadyň alnyndan bolman, ýene biziň boýnumyzda oturjakdygyny bilýärdim. Hawa-da, Dawranşlardan ibaly zada garaşmaly däl-le – diýip, igesini sürtüp, diliniň keýpini gördi.

Kakam bolsa ejem igenip başlanda edýän hemişeki hereketini edip, gürlemän oturyberdi.

— Žozefe pul ber, häziriň özünde gidip, ustrisalaryň puluny tölesin. Bu gedaý bizi tanaýsa, işimiz gaýdar. Bu ýagdaýyň ýolagçylarda nähili erbet täsir galdyrjakdygyny göz öňüne getirýärin. Bärde eglenmän başga menzilden gideli, sen bolsa indi gaýdyp bu adama duşmazymyz ýaly bir zatlar et! — diýip, ejem haýdan-haý ýerinden turdy. Olar maňa bäş frank berdiler-de, adamlaryň gözünden sowarak ýere ýörediler.

Aýal doganlarym hiç zada düşünmän, aňk-taňk bolşup, kakama garaşyp dur ekenler. Ejemiň biraz deňiz kesel tutmasynyň başlandygyny aýdyp, garry deňizçä ýüzlendim:

— Biz size näçe borçly, jenap?

Meniň «agam» diýip ýüzlenesim gelýärdi.

— Iki frank elli su — diýip, garry ýylgyrdy.

Oňa bäş frankymy berdim, ol bolsa maňa gaýtargy uzatdy.

Men deňizçiniň gasyn-gasyn bolan ellerine, tukat, naýynjar ýüzüne seretdim we öz-özüme:

— Bu meniň agam Žül, kakamyň erkek dogany, meniň agam! — diýdim.

Men oňa çaý puly hökmünde on su goýanymda:

— Taňryýalkasyn, ýaş ýigit! — diýip, maňa minnetdarlyk bildirdi.

Ol bu sözleri dilegçiniň äheňinde aýtdy welin, men öz ýanymdan: «Megerem, daşary ýurtda sadaka diläp gün gören bolmaly» diýip pikir etdim.

Jomartlyk edip durşuma aýal doganlarym geň galyp, agyzlaryny açyp seredişdiler.

Galanja iki franky kakama uzadanymda:

— Aý, ýog-a, ustrisalaryň bahasynyň üç frank bolmagy mümkin

däl — diýip, ejem ör-gökden geldi.

— Men on su çaý puly hökmünde berdim.

Ejem muny eşidip, ýüregi ýarylan ýaly boldy:

— Sen akylyňdan azaşdyňmy? Nädip bu ykmanda on su berip bildiň? — diýende dagy gözleri hanasyndan çykyp gelýärdi.

Kakam gözi bilen giýewimizi yşarat edenden soň, ol sakyna-sakyna, zordan özüni ele aldy. Birden dymyşlyk aralaşdy.

Öňümizdäki gözýetimde, honda, melewşe reňkli zolak göze ilip başlady. Bu Jersi adasydy.

Biz duralga ýakynlaşyp ugranymyzda, meniň ýene-de Žül agamy göresim geldi, onuň ýanyna baryp, göwün göteriji, hoşamaý sözleri aýtmak isledim.

Ýöne indi ýolagçylaryň hijisi ustrisa iýmänsoň, ol hiç ýerde göze ilenokdy. Megerem, ol öz ýaşaýan, aňkap duran hapa batgalygynda düşüp galan bolmaly.

Ýolda ýene oňa duşmazlyk üçin Saň-Malo gämisi bilen yzymyza dolandyk. Ejem gaty ynjalyksyzlanypdy.

Men şondan soň hiç haçan kakamyň erkek doganyny görmedim.

Ynha, şol sebäpden kämahal dilegçilere bäş frank berýärin.

**Fransuz dilinden terjime eden Aýbölek SAHATOWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby**